# «Şeýtanlaşdyrmak» näderejede dogry?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Şeýtanlaşdyrmak" näderejede dogry? “ŞEÝTANLAŞDYRMAK” NÄDEREJEDE DOGRY?



Ilki sorag:
Edil «demokratiýa» ýaly liberallaryñ dar gözýetimli syýasy düşünjeleri ömürlerini tamamlamadymy? Meselem:
Bu makalamy öz-özüñe tankyt hökmünde okap bilersiñiz. Populizm-populist adalgasyny hemişe «aýyplama» ýaly otrisatel manyda ulandym. Düşünjek bolup durmadym. Sebäbi bellidi: Populýar syýasy hereketler ilkibaşda ekstremistik sagçy hereketleriñ binýadynda döreýärdi.
Çepçiler populizm düşünjesine «ekstremistik sagyñ banal ýaragy» hökmünde baha berdi. Liberallar ony «demokratiýanyñ patologiýasy» hökmünde gördi. Dogrusyny aýtmaly bolsa,

“şeýtanlaşdyrdy!”
Ýöne bu garaýyş wagtyñ geçmegi bilen gowşady:
Soñky döwür syýasatynda populizm «rewolýusiýa» geçirýär: Trampdan Wiktor Orbana, Hawýer Mileýden Zelenskä, «Italiýanyñ doganlaryndan» Fransiýanyñ Nasional frontyna çenli dünýäde göz gamaşdyryjy beýgelişini dowam etdirýär, uly-uly sarsgynlaryñ öñüni açýar. Isleýşiñiz ýaly intellektual ýarlyk ýelmäñ, hakykat-a şular ýaly…
Hem indi «çepçi populizm» hem bu tolkunyñ içinde! Şol sebäpden Žan-Lýuk Melanşon bilen Fransıýanyñ “ekstremist sagçysy” diýilýän Marin Le Pen “birmeñzeş dili-şygary” ulanyp bilýär: “Sözi halka beriñ, halkyñ haky bar!..”
Soñky saýlawda üstün çykan çepçi Melanşonyñ sözüni ýatladaýyn:
*«Populizm aýyplamasyna garşy özümi aklajak bolamok. Elitalar isleseler, bu sözden ürküp biler. Näme etseler edibersinler; maña «populist» diýýärlermi? Goý, şeýle bolsun!»*
Fransiýada «täze Robespýer» soñky saýlawda şeýdip üstün çykdy!
Latyn Amerikasyndan soñ Ýewropada hem çepçi populizmiñ şemaly öwüsmäge başlady…
* * *

Diýmek isleýänim:
Globallaşma oýnundan utulanlar kowçum-kowçum bolup populizme bakan ýönelýän bolsa, muny gyraklatmak, äsgermezlik etmek arkaly analiz edip bilmeris. Eger ortada bir hakykat bar bolsa, oña arkamyzy öwrüp bilmeris. Çepçi ýa-da sagçy populizme çynlakaý seretmeli bolarys…
Sany gün geçdigisaýy artýan populist saýlawçylary döreden prinsiplerdir faktorlaryñ üstünde düýpli durup geçmeli. Meselem:
Populizmiñ baş prinsipi «olar» we «biz» bölünişiginiñ üstünde gurulandygy. Bu arany açyjy dartgynlylyk duýgulary doly oýandyryp bilýär: “Dost” we “duşman!” Howpsuzlyk gerek: «Kesekiler duşmandyr we milli häkimiýet gurulmasa, soñumyza çykyp bilerler!» (Soñky saýlawda «Dersimli Kemalyñ» añ ýetirip bilmedigi-de şudy).




Demokratiýany indi aldawçy režim hökmünde görýän gahar-gazaplylardan düzülen populizm şahsy hak-hukuklardan has köp kollektiwleýin maksat üçin hereket edýär: Halkyň we raýatyň bähbidi, il-ýurduň bähbidi üçin araçysyz syýasy režimiň

gurulmagyny tapap edýär. Mysal üçin: Şweýsariýanyň syýasy ýörelgesinde bolşy ýaly referendumy demokratiýanyň iň ajaýyp görkezijisi hasaplaýar. Raýatyň oňlamaýan, ýöne parlamentiň kabul edýän kanunlarynyň güýje girmegi «syýasatçy gatlaklara» garşy gahar-gazaby güýçlendirýär.
Şygarlary belli:
– Halkyň ýagyrnysyna hopba bolanlary ýere düşürmeli, taryhy buýsanjymyzy dikeltmeli!
* * *

Adalatsyz saýýandyklary üçin saýlawlara gatnaşman «göze görünmän» gezýänler – äsgerilmeýänler wagty-sagady gelip toparlanmaga başlansoň, alternatiw güýje öwrülensoň, merkezi häkimiýetleri-partiýalary gorky gurşap aldy. (Muharrem Injäniňem düşünip bilmedik zady şudy!)
Galyberse-de, hudaýlaşdyrylan global bazara duşmançylyk edip, hemaýatkär ykdysadyýetiň tarapyny tutmalary mediýa arkaly olar barada «ekstremist sagçy» diýen ýaly çişirilen ýarlyklar dakylmaga, komplimasiýa teoriýalary toslanmaga başlandy!
Her orta çykan herekete «ekstremistik sag» ýarlygyny dakanlardan soramak gerek: sosialist Žan-Lýuk Melanşona näme diýip bilersiňiz? Olam birmeňzeş ykdysadyýet modelini öňe sürýär…
Fransiýada birnäçe aýlap ünsden düşmeýän protestçi «sary ýelekliler» hereketine» nähili baha berýärsiňiz? Sagçymy, çepçimi?
Näme diýilse diýilibersin, populizm aşakdakylary – Gýugonyň «sepil-sergezdanlaryny» üýşmäge çagyrýar, global oligarhiýa garşy toparlanýar, ulalýar…
Syýasat arenasyna «täz gan» gelýär we gürrüňsiz muny imperializm hem ulanjak bolýar. Ýagdaý şeýle bolsa:
Dilujy çepçi hereketlere ýüzlenip aýdýaryn: muny ýok saýyp, garalap, ürküzup halk bilen dil tapyşyp bilmersiňiz. Düşünmeli bolarsyňyz.
Ýeke mysal bereýin:
Fransiýada Le Pene 1974-nji ýylda ses berenleriň 3%-i işçilerdi, häzir bu görkeziji 50%-den geçdi!

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.07.2024 ý. Publisisistika